# Pöwrize agşamlary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Pöwrize agşamlary PÖWRIZE AGŞAMLARY

Käte ýanýar, käte sönýär,
Älemiñ ak şemleri.
Käte süýnüp birje ýyldyz
Çyzýar asman ýüzüni.

Pöwrizede bolduñyzmy?
Siz tomus agşamlary.
Salkyn howasy bardyr,
Duýduñyzmy siz ony?!

Gündizine gün ýyladýar
Ýer hem asman arasyn,
Gijesine sergin şemal
Goý, dözümsiz darasyn!

Aý nakgaşlyk edip daga
Çaýýar kümüş suwuny.
Gülüñ ysy basýar munda
Atyrlaryñ howuny.

Eýýäm dañ hem atyp barýar
Daş-töwerek ajaýyp!
Daglar dag görküne geldi –
Baky durýana meñzeş.

Gaýadan asmana galdy,
Bürgüt ganatyn ýaýyp.
Güneşi garşy almaga
Uçup barýana meñzeş.

Taşpulat HAMYT,
özbek şahyry.

Terjime eden: Abdyreşit TAŞOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 15.10.1982 Goşgular